# Añlamadyklary şudur

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Psihologiýa,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Añlamadyklary şudur AÑLAMADYKLARY ŞUDUR




Garşa-garşa mediýada ýer alýar:
Iñ bagtyýar ýurtlaryñ sanawy…
Iñ stresli ýurtlaryñ sanawy…
Ýaşamak üçin iñ amatly ýurtlaryñ sanawy…
Iñ köp gumanitar kömek edýän ýurtlaryñ sanawy…
Bular ýaly ýazgylardyr habarlar meni hiç gyzyklandyrmaýar.
Emma.
Ýurtlaryñ taryhyny okamakdan lezzet alýaryn. Mysal üçin, Russiýanyñ taryhy meni hemişe gyzyklandyryp geldi.
Ýurtlaryñ taryhlaryny okanymda häsiýetleýin aýratynlygy, tapawutlandyryjy kwalifikasiýasy boýunça pikir ýöredýärin:
Şol ýurtlaryñ taryhyna giren, yz goýan wakalar neneñ? Hasratly wakalar şol ýurduñ «genetiki gurluşyna» nähili psihologiki täsirleri ýetirýär?
Hawa… Her ýurduñ özüne mahsus häsiýeti nähili kemala gelýär? Bu sowala jogap esasan syýasy-ykdysady ýa-da töwerekleýin täsiri ýaly jogaplar arkaly berilýär. A taryh? Ýa-da taryhda başdan geçirilen, miras galan zatlar ýurduñ ruhunda-psihologiýasynda nähili ýykgynçylyga ýol açýar?
Näme diýmek isleýänimi şeýle düşündireýin:
Rus taryhynyñ iñ uly gorkusynyñ nämedigini sorasañyz, şu jogaby berip bilerin:
Daşynyñ gabalmagy! (Türkiýe üçin bolsa, meniñ pikirimçe, bölünmek!)

Russiýanyñ dünýäniñ iñ uly geografiki giñişlige eýe bolmagam tötänlik däl.
Şu ümmülmez meýdan gabalmak gorkusynyñ netijesidir…
Şu uç-gyraksyz topraklar howpsuz durmuşda ýaşamak isleginiñ sebäbidir…
Ynha… Munuñ sebäbem başdan geçiren trawmalarydyr.
Mysal üçin:

- **ILKINJI TRAWMA**

Russiýa Kalka derýasynyñ boýundaky ganly söweşi hiç haçan ýatdan çykarmady.
1223-nji ýylyñ 31-nji maýy.
Subedeý batyryñ we Jebe noýonyñ serkerdelik edýän mongol tümenleri özlerinden dört esse güýçli ruslaryñ üstüne çozdy.
Mongollar uzak uruşman yza çekildi. Rus goşuny ýeñiş gazanandyryn öýdüp kowga başlady…
Mongollaryñ maksady ruslary ýok edip bolaýjak ýere çekmekdi.
Şeýle-de boldy:
Sekiz günlük kowgynyñ yzyndan mongollar Kalka derýasynyñ boýunda sägindiler-de, garşylyklaýyn hüjüme geçdiler. Söweşiñ soñunda mongollar ruslary çym-pytrak edip, şol wagtyñ paýtagty Kiýewi küle sowurdylar.
Ýañy tirsegine galyp, taryh sahnasyna çykmaga taýýarlanyp ýören Russiýa «emedekleme eýýamynda» iki ýarym asyr yza – 1480-nji ýyla çenli mongollaryñ golastynda ýaşady.
Russiýa patyşalyga zordan 1547-nji ýylda ýetdi.
Soñky ýyllaryñ gorkusy Osmanly imperiýasy tarapyndan basylyp alynmak boldy. 1696-njy ýylda Azow galasyny eýeläp, ýazylganlyga çykdy. Osmanly bilen 1700-1900-njy ýyllar aralygynda on gezek uruşdy.
Yzyndan… Uly uruşda (Birinji jahan urşy) Arzuruma çenli gelendigini bilýärsiñiz.
Ýatladaýyn:
1917-nji ýylda rewolýusiýa eden bolşewikleriñ iñ uly howatyrynyñ nämedigini bilýärsiñizmi: imperialistik Günbatar tarapyndan gabalmak! Imperializme garşy göreşen Mustapa Kemala nämüçin kömek edendirler öýdýärsiñiz?
Hawa, rus taryhy diýmek – gabalma trawmasy diýmekdir.

## • «ARAÇÄK ÝURDY»

Russiýa XII asyrdan XIX asyra çenli Şwesiýa bilen uruşdy.
Şwed urşy gutardy, Fransiýa garşy uruş başlady.
Napoleon 13 ýurtdan toplan 680 müñ esgeri bilen Russiýa girdi. Ruslar «gerek-ýarak zatlaryny tapmasynlar» diýip, basylyp alynmanka Moskwanyñ dörtden üç bölegini oda berdi. Russiýa – ýarasy çuñ ýurt…
Gitler 1941-nji ýylyñ 22-nji iýunynda 4,5 milliondan gowrak esgeri bilen SSSR-e çozdy. Onuñ birinji maksady däne ammary Ukrainany eýelemekdi. Gitleriñ gönüden-göni görkezmesi «Ukrainany ýykan-ýumransyz ele geçirmekdi».
Galyberse-de, Ukrainada maşyn, traktor, polat zawodlary, gämi abatlaýyş ussahanalary, marganes ýataklary, 1,5 milliard tonnalyk demir ýataklary, kömür we alýumin känleri bardy.
Ukraina frontyñ gerekli serişdelerini üpjün edip biljek baý ýurtdy.
«Barbarossa» hereketi uly weýrançylyga sebäp boldy. Ýurdy harabalyga öwrülen Sowet Soýuzy gabalma trawmasy bilen ýerlerini ep-esli giñeltdi. Çäklerine emeli ýurtlary goýdy.
Sowet döwründe döredilen «Ukraina» hemişe şol emeli ýurtlaryñ biri bolup geldi. Onsoñam köne slawýan dilinde onuñ ady «Araçäk ýurdy» diýen manyny berýärdi…
Russiýanyñ öz serhedinde – Ukrainanyñ ýerlerinde NATO-nyñ güýçlerini göresi gelmeýändigine şu nukdaýnazardanam baha beriñ. Ýagny:
Mesele, diñe Putinde däl. Russiýanyñ taryhynda, rus trawmasyndadyr.
Häzir… ABŞ başlyklaýyn Günbatar, Russiýanyñ taryhy ýarasyny gorjaýar.
Şular ýaly ýurda – Russiýa Ukrainanyñ NATO agzalygyny kabul etdirip bilersiñizmi? Ýok.
Häzir Russiýa garşysynda Napoleony görýär, Gitleri görýär.
Işiñ tragiki tarapy: Siriýany, Yragy, Liwiýany bölen… Ýugoslawiýany bölek-büçek eden… Günbataryñ «Ukraina bölünmeli däl!» diýmegidir!
Araçägimizde PKK terrorçylaryna ýarag, ok-däri gorhanalaryny

beren ABŞ-nyñ Ukraina meselesinde iñ köp ýañraýan ýurt bolmagyna näme diýmeli? Hamala, ýaranymyzammyş olam…
ABŞ ne Russiýany, ne Türkiýäni añlap bilýär…

Soner ÝALÇYN.
«SÖZCÜ» gazeti, 23.02.2022 ý. Publisistika